# Ýasama Gurhan

Category: Gurhany öwreniş we Hadys ylmy,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýasama Gurhan ÝASAMA GURHAN



Rus diline terjime edilen Gurhandan käbir aýatlary mysal getirip başlamda, adamlar köplenç ýasama Gurhan bolaýmasyn, ýa-da ters terjime edilen bolaýmasyn diýip jogap berýärler. Eýsem şeýle adamlara näme diýjek? Gurhany ters terjime edip bolanok, ony üýtgedip hem bolanok, asla ol kitaba zyýan ýetirip bolanok. Gurhanyň özünde, Allanyň aýtmagyna görä, ol kitaby 19 sany perişde goraýar we ol kitaby üýtgetmäge Allahyň özi rugsat berenok diýip ýazylgy dur. Töwrat bilen Injili üýtgetmäge Alla rugsat berdi, (şeýle günäniň edilmegine ýol berdi) emma Gurhan ähli üýtgetmelerden goralan. Elbetda dindar däl adam üçin bu zatlaryň ählisi ýöne bir erteki ýaly bolup eşdilýär, eger Gurhana ylmyň gözi bilen seretseň näme? Ylmyň gözi bilen seretseň islendik ýazylan zady üýtgedip bolýar, Gurhanam adaty kitapdyr-da. Bolýa, aýdaly kimdir biri Gurhany üýtgetmegiň küýüne düşdi diýeli, bir topar alymlary ýygnady diýeli, her birine dünýe malyny söz berdi diýeli. Onsoň alymlar Gurhany üýtgetmek üçin onuň daşyna üýşdüler diýeli. Elbetde Gurhany üýtgetmek üçin, ony ýazan Awtordan akylly bolmaly, mysal üçin aýdaly Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny

üýtgedip bolar öýdýäňizmi ýa-da Puşkiniň? Şygyryň manysy 180 gradus ters tarapa öwürmeli, adamlary ters ýola alyp gitmeli, şol bir bada şygyryň üýtgäni bildirmeli däl we şol bir bada şygyryň bogunlary we kapýasy saklanmaly. Iň bärkisi Magtymgulyň şygyrlaryny üýtgetmek mümkin zatdyr öýdemok. Gurhan hem şygyr görnüşünde ýazylan kitap, ýöne hut Allanyň öz goly bilen. Bolýa, Allany ortadan aýraly we Gurhana ateistiň gözi bilen seredeli. Şygyr görnüşde ýazylan zady üýtgetme diýseň kyn, Gurhana çemeleşen islendik akylly adam, şol bada musulmana öwrülýär.  Gepiň gysgasy Gurhana zyýan ýetirjek bolsaň örän akylly bolmaly, samsuk adam beýle işi hiç haçan boýun almaýar we başarmaýar. Islendik akylly adam bolsa, ýöne ýere akylly dälä, telewizor görüp akylly bolup bolanok. Akylly bolmak üçin köp kitap okamaly. Köp kitap okan adam bolsa kitap bilen kitabyň tapawudyny şol bada bilýär. Onsoň Gurhany bir näçe gezek okanyňdan soň kellä ilkinji gelýän pikir: -Bu kitaby adam ýazanok, adamyň kellesinde beýle pikirler döränok, bu kitaby örän Beýik Güýç döretdi. Gurhany akylly adam okasa hökman musulmana öwrüläýmeli, Gurhanyň maksady hem şonda, diňe ýüzleý bilimli adamlardan ateistlar döreýär. Gurhany Muhammet pygamber ýazdy diýýänlere ýönekeý jogap, islendik adam kitabi ilkibada kim barada ýazýar? Elbetde özi barada ýazýar, Gurhanda bolsa Muhammet sözi bary-ýogy bir näçe gezek tutulýar, eger ýalňyşmasam üç gezek, Gurhanda esasan Musa pygamberiň ady köp agzalýar. Gurhany Muhammet pygamber ýazan bolsa, ol esasanda Muhammet barada bolardy. Garaz Gurhanyň goragy onuñ öz içinde, akylly adamlary Gurhan öz dinine öwürýär, samsyk adamlar bolsa oňa ýanaşanoklar. Gurhany öwreniş we Hadys ylmy